# Gaşym çytsam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gaşym çytsam

GAŞYM ÇYTSAM

Käte-käte gaşym çytsam ýanyňda,
Ýa keýpiňi bozup biljek söz diýsem,
Bilip goý, däldir bu söýmeýänligim,
Şatlygyň ornuna gaýgy-gam goýsam.

Ýa-da däldir näzleriňden ýadamak,
Seň dünýäňden gitjek bolmaklyk däldir,
Bilmesiz zatlaryň alada goýup,
Erkim elden alyp heläk edýändir.

Ýa-da bir säw bilen geçemde öte,
Dilmiň öz-özünden gepläýmesi bar,
Birsalymdan bagşlagyn sen meni,
Menem senden ynjap oýkelemen ýar.

Gül görkezmän miwe berýär injirem,
Duýgymyzy ile ýaýmak hökman däl,
Kalplarymyz juwanlygmyz küýsese,
Adaty zat, bu kadadan çykmam däl.

Käte-käte gaşym çytsam ýanyňda,
Ýa-da keýpiň bozup biljek söz diýsem,
Bilip goý, däldir bu söýmeýänligim,
Şatlygyň ornuna gaýgy-gam goýsam.

Goşgular